# TÜRKMENIŇ NUSGALYK
# ALABAÝY

TURKMEN CLASSIC ALABAY / ОБРАЗЦОВЫЙ ТУРКМЕНСКИЙ АЛАБАЙ



№ 1 (6)
2023




**GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ «TÜRKMEN ALABAÝY» KITABYNDAN:**

– ATA-BABALARYMYZ TÜRKMEN ALABAÝYNY EÝESINE WEPADAR, GOÝNA HÜŞGÄR EDIP ÝETIŞDIRMEK ÜÇIN YHLAS BARYNY SIŇDIRIPDIRLER. ALABAÝY GÖRDÜGIŇ, GÖZÜŇ DOKUNÝAR.

*****

**FROM THE BOOK OF OUR HERO-ARKADAG «TURKMEN ALABAY»:**

–OUR ANCESTORS SPARED NO EFFORTS TO DEVELOP SUCH ALABAY'S QUALITIES AS LOYALTY AND VIGILANCE. LOOKING AT ALABAY MAKES US FEEL HAPPY.

*****

**ИЗ КНИГИ ГЕРОЯ-АРКАДАГА «ТУРКМЕНСКИЙ АЛАБАЙ»:**

– НАШИ ПРАДЕДЫ ПРИЛОЖИЛИ МНОГО УСИЛИЙ ДЛЯ ПРИВИТИЯ ТУРКМЕНСКИМ АЛАБАЯМ ТАКИХ КАЧЕСТВ, КАК ПРЕДАННОСТЬ И БДИТЕЛЬНОСТЬ. ГЛАЗ РАДУЕТСЯ, КОГДА СМОТРИШЬ НА АЛАБАЯ.

## «TÜRKMENIŇ NUSGALYK ALABAÝY» ŽURNALYNYŇ OKYJYLARYNA!

# HORMATLY OKYJYLAR!

*Milli buýsanjymyz bolan türkmen alabaýlarynyň ösdürilip ýetişdirilişi barada gymmatly maglumatlary size ýetirýän «Türkmeniň nusgalyk alabaýy» žurnalynyň nobatdaky sany Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň joşgunly bahar paslynda çapdan çykýar.*

*Türkmen, iňlis, rus dillerinde neşir edilýän žurnalymyzyň şu sanynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwlet derejesinde uly tutumlar bilen geçirilen Türkmen alabaýynyň baýramynyň esasy wakalary bilen bagly maglumatlar çap edilýär.*

*Şu neşirde wepaly alabaý tohum itleriniň şöhratly taryhy, öwrenilişi we dünýä ýaýraýşy, itşynaslarymyzyň alyp barýan asylly işleri barada taryhy we beýleki gymmatly maglumatlara, çeper eserlere-de uly orun berilýär.*

*Şeýle-de žurnalda Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän «Türkmen alabaýy» atly kitabyndan dürdäneler okyjylara ýetirilýär. Şeýle-de şu neşirde Aşgabat şäherinde we Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda gurlup ulanylmaga berlen Türkmen alabaýlarynyň merkezleri we bu merkezlerde döredilen şertler barada habar berýän makalalar hem çap edilýär.*

*Döwlet sylagyna we hormatly ada mynasyp bolan ildeşlerimiziň we daşary ýurtly itşynaslaryň ýürek buýsançly sözlerine, itçilik pudagynda alnyp barylýan ylmy gözlegler, halkara hyzmatdaşlygy hem-de tohum tazy itlerine degişli beýleki makalalara-da žurnalda uly orun berilýär.*

*Pursatdan peýdalanyp, ähli halkymyzy, ömrüni arzyly hünäre – atşynaslyga bagyş eden ildeşlerimizi, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzy her ýylyň bahar paslynda uly dabaralar bilen bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys.*

*«Türkmeniň nusgalyk alabaýy» žurnalynyň redaksiýasy.*

## *TO THE READERS OF THE MAGAZINE "TURKMEN CLASSIC ALABAY"!*

# *DEAR READERS!*

*In the spring season of the year named "Happy Youth with Arkadag Serdar", another issue of the magazine "Turkmen Classic Alabay", which publishes valuable materials on care and breeding of our national pride - Turkmen Alabay, is being published.*

*In this regular issue of the magazine, which is published in Turkmen, English and Russian languages, there are materials related to the main celebrations of the Turkmen Alabay dogs, which is celebrated by the to tireless efforts of our Dear President.*

*In this issue, great importance is attached to the glorious history, research and worldwide distribution of thoroughbred and faithful alabays, historical and other valuable materials, as well as works of fiction that tell about the tireless work of our breeders.*

*In addition, this magazine provides readers with wonderful phrases and sayings from the book "Turkmen Alabay" written by our wise Hero-Arkadag. This edition contains articles describing the Turkmen alabay centres built and commissioned in Ashgabat city and Ahal, Balkan, Dashoguz, Lebap and Mary velayats, as well as all conditions that were created in these centres.*

*Some other articles related to international cooperation and devoted to the Turkmen pedigree dogs are focus on the heartfelt statements of Turkmen dog breeders, who have won state prizes and honorary titles, and foreign dog breeders, attaching great importance to scientific research in the field of dog breeding.*

*We would like to take this opportunity to heartily congratulate all our people, our horse breeders who devoted their lives to the great cause - breeding and nursing of the Turkmen horses, the National Leader of the Turkmen people Hero-Arkadag and our Dear President Arkadagly Serdar on the National Holiday of the Turkmen horse, which is solemnly celebrated in spring every year.*

*Editorial office*
*"Turkmen Classic Alabay".*

# К ЧИТАТЕЛЯМ ЖУРНАЛА «ОБРАЗЦОВЫЙ ТУРКМЕНСКИЙ АЛАБАЙ»!

## ДОРОГИЕ ЧИТАТЕЛИ!

*В оживленную весеннюю пору года «Счастливая молодёжь с Аркадаг Сердаром» выходит в свет очередной номер журнала «Образцовый туркменский алабай», в котором публикуются ценные материалы по уходу и выращиванию нашей национальной гордости - туркменского алабая.*

*В очередном номере журнала, который издается на туркменском, английском и русском языках, публикуются материалы, связанные с основными торжественными событиями Праздника туркменского алабая, широко отмечаемого благодаря неустанным заботам нашего уважаемого Президента.*

*В этом номере большое значение придается славной истории, исследованию и всемирному распространению породистых и верных алабаев, историческим и другим ценным материалам, а также художественным произведениям, повествующим о неустанном труде наших кинологов.*

*Кроме того, в этом номере вниманию читателей приводятся цитаты и изречения из книги «Туркменский алабай», вышедшей из под пера нашего мудрого Героя - Аркадага. В этом издании публикуются материалы, в которых рассказывается о построенных и сданных в эксплуатацию центрах туркменских алабаев в городе Ашхабаде, в Ахалском, Балканском, Дашогузском, Лебапском и Марыйском велаятах, а также о всех условиях, созданных в этих центрах.*

*В ряде статей, связанных с международным сотрудничеством и посвященных породистым туркменским гончим собакам, придается большое значение научным исследованиям в области собаководства и приводятся благодарные слова туркменских собаководов, ставших лауреатами государственных премий и почетных званий и иностранных кинологов.*

*Пользуясь случаем, хотим от всего сердца поздравить весь наш народ, коневодов, посвятивших свою жизнь великому делу – разведению и выхаживанию туркменских скакунов, Национального Лидера туркменского народа Героя - Аркадага и нашего уважаемого Президента Сердара Бердымухамедова с Национальным праздником туркменского скакуна, который торжественно отмечается весной каждого года.*

*Редакция журнала «Образцовый туркменский алабай».*

# Halkara bäsleşigiň II tapgyry

## 2nd round International competition

## II тур Международного конкурса

Asyrlaryň dowamynda türkmen topragynda ösdürilip, kemala getirilen we umumadamzat gymmatlyklarynyň hazynasyna öwrülen türkmen alabaýlary özleriniň aýratynlyklary boýunça dünýäde giňden tanalýar hem-de tohum itleriň arasynda iň gadymylarynyň we naýbaşylarynyň biri hasaplanylýar. Ýurdumyzda giňden bellenilen Türkmen alabaýynyň baýramçylygy mynasybetli türkmen alabaýlarynyň arasynda halkara bäsleşikler, tapgyrlaýyn esasda geçirildi.

2022-nji ýylyň oktýabr aýynyň 26-syna Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky «Türkmen alabaý itleri» hojalyk jemgyýetinde «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşiginiň II tapgyry geçirildi. Oňa bäsleşigiň birinji tapgyryna gatnaşan 70-e golaý alabaýdan duýgurlygy, düşbüligi, daşky görnüşi, hüşgärligi şeýle hem bellenen päsgelçiliklerden birkemsiz geçmegi başaran, eýesi tarapyndan berilýän tabşyryklary erkin we birkemsiz ýerine ýetirmekde tapawutlanan alabaýlaryň 20-si gatnaşdy. Halkara bäsleşiginiň düzgünnamasyna laýyklykda ýaryşa gatnaşýan türkmen alabaýlary weterinar lukmanlar tarapyndan gözden geçirilip, saglyk ýagdaýlary barlanyldy we ola-

The Turkmen Alabays, which have been care and breeding for centuries on Turkmen land and have become an integral part of the treasury of universal values, are widely known throughout the world for their special features and are considered representatives of one of the oldest and most elite breeds. On the occasion of the holiday of the Turkmen Alabay dogs, which is widely celebrated in our country, there have been international competitions for the breed in stages.

The second round of the annual international contest Turkmen Alabay of the year was held on October 26, 2022 in “Turkmen Alabay dogs” enterprise in Ak Bugday etrap of Ahal velayat. There were about 70 Alabays in the first round of the competition, from which 20 outstanding representatives of this breed were selected for the second round, distinguished by their sensitivity, cleverness, alertness, habits, ability to freely and flawlessly pass obstacles and obey commands given by the master. In accordance with the regulations of the international competition, the participants underwent a veterinary control,

Туркменские алабаи, на протяжении веков взращиваемые и выхаживаемые на туркменской земле и ставшие неотъемлемой частью сокровищницы общечеловеческих ценностей, широко известны во всем мире своими особенностями и считаются представителями одной из древнейших и элитных пород собак. По случаю широко отмечаемого в нашей стране Праздника туркменского алабая, среди представителей данной породы поэтапно были проведены международные конкурсы.

В хозяйственном обществе «Туркменские алабаи» в этрапе Ак бугдай Ахалского велаята 26 октября 2022 года был проведен II тур ежегодного Международного конкурса «Отважный туркменский алабай года». В первом туре конкурса принимали участие около 70 алабаев, из которых во второй тур были отобраны 20 выдающихся представителей породы, которые отличились своей чуткостью, сообразительностью, бдительностью, повадками, способностью свободно и безупречно проходить препятствия и выполнять команды хозяина. Согласно положениям международного конкурса, участники прошли



ra kepilnamalar hem-de ýörite san belgileri berildi. Şol belgiler esasynda hem türkmen alabaýlary yzygiderlikde bäsleşik meýdançasyna çykdylar. Bäsleşigiň şertlerine laýyklykda, türkmen alabaýlary tomaşaçylaryň öňünde, eýesiniň berýän buýruklaryna erkin boýun bolşy hem-de öňde duran dürli päsgelçiliklerden talabalaýyk geçmegi boýunça öz başarnyklaryny görkezdiler. Bäsleşigiň eminler toparynyň gelen gutarnykly netijeleri esasynda halkara bäsleşigiň jemleýji tapgyrynda çykyş emäge saýlama türkmen alabaýlarynyň 10 sanysy hukuk gazandy.

**Maksat BAÝRAMOW,**
**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.**

were issued with the relevant certificates and were given serial numbers. Under these numbers, the Turkmen alabays took turns entering the competition area. According to the conditions of the competition, the Turkmen alabays demonstrated to the audience their skills of flawless obedience to commands from their master and their excellent ability to pass obstacles. According to the judging committee of the competition, the 10 most distinguished representatives of this breed were granted the right to participate in the final round of the international competition.

**Maksat BAYRAMOV,**
**Institute of Engineering and Transport Communications of Turkmenistan.**

ветеринарный осмотр, им были выданы соответствующие справки и присвоены порядковые номера. Под этими номерами туркменские алабаи поочередно выходили на конкурсную площадку. Согласно условиям конкурса, туркменские алабаи продемонстрировали зрителям свои навыки безупречного выполнения команд хозяина и великолепные способности прохождения препятствий. По заключению судейской комиссии конкурса, 10 особо отличившихся представителей породы получили право участия в заключительном туре международного конкурса.

**Максат БАЙРАМОВ,**
**преподаватель Института инженерно-технических и транспортных коммуникаций Туркменистана.**

# HALKARA «TÜRKMEN ALABAÝ ITLERI» ASSOSIASIÝASYNYŇ II MEJLISI GEÇIRILDI

## THE SECOND CONFERENCE OF THE INTERNATIONAL ASSOCIATION "TURKMEN ALABAY DOGS" WAS HELD

## СОСТОЯЛОСЬ II ЗАСЕДАНИЕ МЕЖДУНАРОДНОЙ АССОЦИАЦИИ «ТУРКМЕНСКИЕ АЛАБАИ»

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň milli mirasyna, naýbaşy gymmatlyklaryna sarpa günsaýyn artýar. Pederlerimiziň müňýyllyklaryň dowamynda ösdürip, terbiýeläp kemala getiren milli gymmatlyklarynyň biri-de türkmen alabaýlarydyr. Özüniň mertligi, hüşgärligi, wepalylygy, düşbüligi bilen halkymyzyň ýakyn dostuna öwrülip, milli miraslarymyzyň hatarynda mynasyp orun alan türkmen alabaýlarymyzyň şöhraty bu günki gün bütin dünýä ýaň salýar. Oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde ýurdumyzda Türkmen alabaýynyň baýramynyň giňden bellenilmegi hem bu wepaly jandara goýulýan belent sarpanyň nyşany bolup äleme dolýar. Baýramçylygyň çäklerinde däp bolşy ýaly, 29-njy oktýabrda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň ikinji mejlisi geçirildi.

Foruma ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, ýolbaşçylary we hünärmenleri, assosiasiýanyň agzalary hem-de sanly ulgam arkaly daşary ýurtly itşynaslar gatnaşdylar. Halkara assosiasiýanyň agzalary sanly

In the Epoch of the Revival of the New Era of the Powerful State, the pride of the Turkmen people in their national values and heritage grows stronger day by day. The Turkmen Alabay is one of the national values that our ancestors have developed over the millennia. Today, the whole world knows the glory of Turkmen Alabays, who due to their courage, vigilance, loyalty and devotion have become dear friends of our people and have taken a worthy place in the list of our national heritage. The holiday of Turkmen Alabay dogs, widely celebrated on the last Sunday in October, is a clear demonstration of the Turkmen people's tribute to this faithful animal. By a good tradition, the second conference of the International Association "Turkmen Alabay dogs" was held on 29 October as part of this wonderful celebration.

The forum was attended by students, heads and specialists of higher education institutions, members of the associa-

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства гордость туркменского народа за свои национальные ценности крепнет день ото дня. Туркменский алабай – одна из национальных ценностей, которую наши предки взращивали и развивали на протяжении тысячелетий. Сегодня во всем мире известна слава туркменских алабаев, ставших благодаря своей отваге, бдительности, верности и преданности близкими друзьями нашего народа и занявших достойное место в списке нашего национального наследия. Праздник туркменского алабая, широко отмечаемый в последнее воскресенье октября, является ярким свидетельством большого уважения туркменского народа этому преданному животному. По сложившейся доброй традиции, 29 октября в рамках празднования состоялось второе заседание Международной ассоциации «Туркменские алабаи».

В форуме приняли участие студенты, руководители и специалисты высших учебных заведений, члены ассоциации и зарубежные собаководы по-




ulgam arkaly mejlise gatnaşyp, alabaýlaryň tohumynyň häzirki ýagdaýy barada maglumatlary ýygnamagyň we alyşmagyň, olary gorap saklamagyň, sanyny artdyrmak meselelerini ara alyp maslahatlaşmagyň möhümdigini nygtadylar.

Soňra Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli "Türkmenistanyň at gazanan itşynasy" diýen hormatly ady dakmak hakynda Permany okaldy. Hormatly ada mynasyp bolanlar belent buýsanç duýgusy hem-de tolgunmak bilen döwlet sylaglaryny kabul edip, hormatly Prezidentimize öz alyp barýan işlerine ýokary baha berendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan edip, geljekde-de bu asylly işlere mynasyp goşant goşjakdyklaryna ynandyrdylar. Şeýle-de mejlisiň dowamynda

tion and foreign dog breeders through digital communication, where they emphasized the importance of gathering and exchanging information on the current challenges of breeding, preserving and increasing the number of Turkmen Alabay dogs.

Then was read out the Decree of the President of Turkmenistan on the conferment of the honorary title "Honoured Dog Breeder of Turkmenistan" on the occasion of the day Turkmen Alabay dogs. The laureates received the state awards with a sense of pride and excitement and expressed their sincere gratitude to the esteemed President for the high appreciation of their work, expressing assurances that they would continue to make their worthy contribution to this no-

средством цифровой связи. На форуме было подчеркнуто большое значение сбора и обмена информацией о текущих задачах разведения, сохранения и увеличения численности собак породы туркменский алабай.

Затем был зачитан Указ Президента Туркменистана о присвоении почетного звания «Заслуженный собаковод Туркменистана» по случаю Праздника туркменского алабая. Лауреаты почетного звания с чувством гордости и волнения приняли государственные награды и выразили искреннюю признательность уважаемому Президенту за высокую оценку их труда, выразив уверенность, что будут продолжать вносить свой достойный вклад в это благородное дело. Кроме того, в ходе заседания, в соответствии с Постановлением Президента



Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň Prezidentiniň Çözgüdine laýyklykda, assosiasiýanyň ýerli we daşary ýurtly täze agzalaryna agzalyk şahadatnamalary gowşuryldy. Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Türkmenistandaky ygtyýarly wekili Ruslan Kabirow halkara assosiasiýanyň agzalygyna kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, bu guramanyň işine mundan beýläk-de öz goşandyny goşmaga taýýardygyny uly buýsanç bilen nygtady.

ble cause. Furthermore, during the meeting, in accordance with the Resolution of the President of the International Association "Turkmen Alabay dogs", all the new local and foreign members of the Association were presented with certificates of membership. Ruslan Kabirov, Plenipotentiary Representative of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation in Turkmenistan, expressed his sincere gratitude for being accepted as a member of the international association

Международной ассоциации «Туркменские алабаи», были вручены сертификаты о членстве новым местным и иностранным членам ассоциации. Полномочный представитель Республики Татарстан Российской Федерации в Туркменистане Руслан Кабиров выразил искреннюю признательность за принятие в члены Международной ассоциации и с гордостью подчеркнул готовность и в дальнейшем вносить свой вклад в деятельность этой организации.

Assosiasiýanyň agzalygyna täze kabul edilen Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Bedfordşir graflygyndan itşynas Antonio Lo Raso hem-de Çehiýa Respublikasyndan hususy itşynas Wiktor Barsa hemmeleri Türkmen alabaýynyň baýramy bilen gutlap, özlerine bildirilen ynam üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdiler we assosiasiýanyň agzalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyga taýýardyklaryny tassykladylar.

Foruma gelen myhmanlar ýurdumyzyň şöhratly geçmişini hem-de häzirki döwürde amala aşyrylýan özgertmeleri wasp edýän döredijilik toparlary, bagşy-sazandalar köpöwüşginli çykyşlary bilen garşyladylar. Bu ýerde türkmen alabaýyna bagyşlanan muzeý gymmatlyklarynyň, şekillendiriş, amaly-haşam eserleriniň hem-de fotosuratlaryň sergisi guraldy. Mejlisiň dowamynda çykyş edenleriň ählisi itşynaslygy ösdürmäge daşary ýurtly itşynaslar bilen gatnaşyklary ýola goýmaga döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

**Oguljeren SEÝITMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň Ykdysadyýet we maliýe kafedrasynyň laboranty.**

and proudly stressed his readiness to continue contributing to its activities.

The newly admitted dog breeder Antonio Lo Raso from Bedfordshire, United Kingdom of Great Britain and Northern Ireland, and Viktor Barca, a private dog breeder from the Czech Republic, congratulated everyone on the Turkmen Alabay holiday and thanked the Head of State for the trust placed in them and confirmed their readiness to work closely with the association members.

The forum guests were greeted by colourful performances by creative ensembles and musicians singing about our country's glorious past and ongoing reforms. Here there was an exhibition of museum treasures, fine and applied art and photographs about the Turkmen alabay. The speakers at the meeting expressed their heartfelt thanks to our Hero - Arkadag and to the esteemed President of Turkmenistan for giving them ample opportunity to establish contacts with foreign cynologists for the further development of dog breeding.

**Oguljeren SEYITMYRADOVA,**
**Laboratory Technician of the Economics and Finance Department Academy of civil servants under the President of Turkmenistan.**

Вновь принятые в члены ассоциации собаковод Антонио Ло Расо из графства Бедфордшир, Соединенное Королевство Великобритании и Северной Ирландии и частный собаковод из Чехии Виктор Барса, поздравив всех с Праздником туркменского алабая, выразили признательность Главе государства за оказанное им доверие, и подтвердили готовность к тесному сотрудничеству с членами ассоциации.

Гостей форума встречали яркие выступления творческих коллективов и музыкантов, воспевающих славное прошлое нашей Родины и проводимые в настоящее время реформы в стране. Здесь была организована выставка музейных ценностей, произведений изобразительного, прикладного искусства и фотографий, посвященных туркменскому алабаю. В ходе заседания выступавшие выразили сердечную признательность нашему Герою - Аркадагу и уважаемому Президенту, за предоставленные широкие возможности установления связей с зарубежными кинологами во имя дальнейшего развития собаководства.

**Огулджерен СЕЙИТМЫРАДОВА,**
**лаборант кафедры Экономики и финансов Академии государственных служащих при Президенте Туркменистана.**

# TÜRKMEN ALABAÝYNA BAGYŞLANAN HALKARA YLMY MASLAHAT GEÇIRILDI

## International scientific conference dedicated to the celebration of the Turkmen Alabay

## Международная научная конференция, посвященная Празднику туркменского алабая

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli gymmatlyklarymyzyň biri bolan türkmen alabaý itleriniň dünýä ýüzündäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, olary gorap saklamak we köpeltmek, tohumçylygyny alyp barmak hem-de bu ugurda geçirilýän işleri halkara derejesinde ösdürmek boýunça uly tagallalar edilýär. Bilşimiz ýaly, Türkmen alabaýynyň baýramçylygy mynasybetli dabaraly çäreler, ylmy-amaly maslahatlar, dürli bäsleşikler geçirildi. Şeýle çäreleriň hatarynda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde geçirilen «Türkmen alabaýynyň we tazysynyň ýetişdirilmegi, taryhy, medeniýeti we sungaty» atly II halkara ylmy maslahatyny agzamak bolar. Maslahata gatnaşyjylar, ilki bilen, ýokary okuw mekdebiniň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan ugurdaş mazmunly sergini synladylar. «Milli buýsanjymyz bolan türkmen alabaýyna we tazysyna goýulýan sarpa» diýlip atlandyrylýan bu sergide milli gymmatlyklary-

Under the leadership of the Esteemed President of Turkmenistan, our country has carried out large-scale activities, to promote worldwide, one of the centuries-old assets of our people - Turkmen Alabay dogs, to preserve and increase their population, breeding and other necessary measures in this area. As is known, on the occasion of the holiday of Turkmen Alabay dogs there are held various celebrations, scientific conferences and competitions. One of these events was the II International Scientific Conference "Art of Breeding of Turkmen Alabay and Turkmen Greyhound" held at the Turkmen Agricultural University named after S.A.Nyyazov. The participants of the conference were presented an informative exhibition organized in the lobby of the institution of higher education. The exhibition entitled "A Tribute to the Pride of the Nation: the Turkmen Alabay and Turkmen Greyhound" focused on works of art that colourfully celebrate our national values. Then started the II International

Благодаря дальновидному руководству уважаемого Президента Туркменистана, в нашей стране проводится масштабная деятельность по всемирной популяризации одного из многовековых достояний нашего народа – туркменского алабая, по сохранению и приумножению их популяции, селекции и других необходимых мер в данной сфере. Как известно, по случаю Праздника туркменского алабая проводятся различные торжественные мероприятия, научные конференции и конкурсы. В качестве одного из этих мероприятий можно назвать II Международную научную конференцию «История, культура и искусство разведения туркменского алабая и туркменской борзой», которая была проведена в Туркменском сельскохозяйственном университете имени С.А.Ниязова. Участникам конференции была представлена содержательная выставка, организованная в холле данного высшего учебного заведения. На этой выставке под названием «Дань уважения гордости нации – туркменскому алабаю и туркменской борзой» было уделено особое значение произведениям искусства, в которых красочно воспеваются наши



myzy wasp edýän sungat işlerine uly orun berildi. Soňra «Türkmen alabaýynyň we tazysynyň ýetişdirilmeginiň taryhy, medeniýeti we sungaty» atly II halkara ylmy maslahaty öz işine başlady. Oňa Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň agzalary, alymlar, ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, hususy itşynaslar gatnaşdylar. Çykyş edenler asyrlaryň dowamynda türkmen topragynda ösdürilip kemala getirilen we umumadamzat gymmatlyklarynyň hazynasyna öwrülen türkmen alabaýlarynyň öz aýratynlyklary boýunça dünýäde giňden tanalýandygyny hem-de tohum itleriň arasynda iň gadymylarynyň we naýbaşylarynyň biri hasaplanýandygyny ýörite

Scientific Conference on "History, Culture and Art of Breeding of Turkmen Alabay and Turkmen Greyhound". The conference was attended by members of the International Association "Turkmen Alabay dogs", scientists, teachers from higher education institutions and private dog breeders. The speakers spoke about the wide world popularity of Turkmen Alabays, which have been bred and care for centuries on the Turkmen land and due to their qualities have become a common property of mankind. They also noted that the Turkmen Alabay is considered one of the oldest and most elite breeds. At the conference it was noted that thanks to the initiatives of

национальные ценности. Затем начала свою работу II Международная научная конференция «История, культура и искусство разведения туркменского алабая и туркменской борзой». В конференции приняли участие члены Международной ассоциации «Туркменские алабаи», ученые, преподаватели профильных высших учебных заведений, частные собаководы. Выступавшие говорили о широкой мировой популярности туркменских алабаев, взращиваемых и выхаживаемых на протяжении многих веков на туркменской земле и ставших благодаря своим качествам общечеловеческим достоянием, а также особо отмечали, что туркменский алабай считается одной из древнейших и элитных пород. На конференции было отмечено, что благодаря инициативам



belläp geçdiler. Bellenilişi ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda hem-de Arkadagly Serdarymyzyň işleri üstünlikli alyp barmagy arkaly halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň biri bolan türkmen alabaýlarynyň dünýä ýüzündäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, olary gorap saklamak we köpeltmek, tohumçylyk işini alyp barmak hem-de bu ugurda geçirilýän işleri halkara derejesinde ösdürmek boýunça häzirki döwürde ýurdumyzda giň möçberli işler amala aşyrylýar. Bu işleriň taryhy gelip çykyşyny, şu günki günlere gelip ýetişini we milli aýratynlyklaryny ylmy esasda düýpli öwrenmek boýunça ähli şertler döredilýär. Şeýle ilhalar tutumlaryň netijesinde, türkmen alabaýy bu gün dostlugyň we wepalylygyň halkara nyşanyna öwrüldi. Çykyşlarda döwleti-

the Hero-Arkadag and the tireless care of Arkadagly Serdar a large-scale activity is carried out in the country to further increase the honor and glory of the national pride of the Turkmen people - Turkmen Alabays, the preservation and increase of their population, breeding and development of necessary activities at the international level. All the necessary conditions have been created for a thorough, science-based study of the historical data, modern materials and national characteristics of this breed. Thanks to these good initiatives, Turkmen Alabay has become an international symbol of friendship and loyalty. The speakers expressed confidence that the opportunities created by the state for our dog breeders will be a great help in breeding

Героя-Аркадага и неустанным заботам Аркадаглы Сердара в стране проводится масштабная деятельность по дальнейшему приумножению чести и славы национальной гордости туркменского народа – туркменских алабаев, сохранению и увеличению их популяции, селекции и развитию необходимой деятельности на международном уровне. Созданы все необходимые условия для капитального научно-обоснованного изучения исторических данных, современных материалов и национальных особенностей данной породы. Благодаря этим важным начинаниям, сегодня туркменский алабай стал международным символом дружбы и верности. Выступавшие выразили уверенность, что возможности, создаваемые государством для наших собаководов, станут большим подспорьем для разведе-

miz tarapyndan itşynaslarymyz üçin şeýle mümkinçilikleriň döredilmeginiň ýurdumyzda we dünýä ýüzünde iň gadymy itleriň biri hasaplanylýan türkmen alabaýlaryny ösdürip ýetişdirmäge uly itergi beriljekdigine ynam bildirildi.

Şeýle hem, maslahatda türkmen alabaýynyň taryhy we medeni mirasy, türkmen tebigatynda alabaýlaryň orny, alabaýlary ýetişdirmegiň halk tejribeleri, olary seçip saýlamagyň milli usullary, türkmen alabaýynyň geçmişi we şu güni barada gyzykly çykyşlar diňlenildi, türkmen tazysy baradaky çykyşlara hem uly orun berildi. Milli gymmatlygymyz hökmünde türkmen tazysy barada aýdylan birnäçe maglumatlar maslahata gatnaşyjylaryň ünsüni çekdi. Maslahatyň dowamynda türkmen alabaýynyň keşbiniň amaly-haşam we şekillendiriş sungatynda, şeýle hem halk döredijilik eserlerinde beýan edilişi baradaky çykyşlar hem diňlenildi.

Maslahatyň ahyrynda netijeli işlemäge döredilýän mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Serdarymyza abraýly foruma gatnaşyjylaryň adyndan aýratyn hoşallyk bildirildi.

**Ogulşirin MYRADOWA,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maliýe fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

and preserving Turkmen Alabay dogs in the country and all over the world, which are considered representatives of one of the oldest breeds in the world.

The conference also featured interesting presentations on the historical and cultural heritage of the Turkmen Alabay and its significant role in Turkmen nature, the breeding skills of the Alabay, national breeding methods, the historical past and present of the Turkmen Alabay, and much attention was given to presentations on the Turkmen Greyhound. The conference participants welcomed with interest the materials about the Turkmen hound, which also has its place in the national heritage of the Turkmen people. In the course of the conference, the participants also heard presentations on the popularization of the Turkmen Alabay in works of traditional art, decorative and applied arts and painting

At the end of the conference, participants expressed their special gratitude to Hero-Arkadag and Arkadagly Serdar for providing an effective forum.

**Ogulshirin MYRADOVA,**
**4th year student Faculty of Finance**
**Turkmen State Institute of Economics and Management.**

ния и сохранения в стране и во всем мире туркменских алабаев, считающихся представителями одной из древнейших пород в мире.

Кроме того, на конференции были заслушаны интересные выступления об историческом и культурном наследии туркменских алабаев, их значимой роли в туркменской природе, о национальных навыках разведения алабаев, селекционных методах, об историческом прошлом и настоящем туркменского алабая. Большое внимание было уделено выступлениям о туркменской борзой – тазы. Участники конференции с интересом ознакомились с материалами о туркменской борзой, которая также играет важную роль в национальном достоянии туркменского народа. В ходе конференции также были заслушаны выступления о популяризации образа туркменского алабая в произведениях народного творчества, декоративно-прикладного и изобразительного искусства.

По завершении конференции участники выразили особую признательность Герою-Аркадагу и Аркадаглы Сердару за предоставленные возможности для эффективной работы форума.

**Огулширин МЫРАДОВА,**
**студентка 4 курса Финансового факультета Туркменского государственного института экономики и управления.**

# WEPALYLYGYŇ *we* BATYRLYGYŇ *waspy*

## An ode to loyalty and courage
## Ода верности и мужеству



Hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde türkmen alabaýlarynyň gözelligini, syn-sypatyny şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, neşir önümlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda çeper beýan etmek boýunça heýkeltaraşlaryň, halyçylaryň, zergärleriň, fotosuratçylaryň, neşirýat işgärleriniň, teleoperatorlaryň arasynda yglan edilen bäsleşige hödürlenen döredijilik işleriniň sergisi üstünlikli geçirildi. Oňa ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň

Pursuant to a decision by our esteemed President, at the Museum of Fine Arts of Turkmenistan, on the occasion of the Holiday of Turkmen Alabay dogs, there was a successful exhibition of works by sculptors, carpet-makers, jewellers, photographers, publishing houses and television operators to artistically illustrate the beauty and appearance of Turkmen Alabays in works of painting, decorative and applied arts, publications, photography and on television channels. The exhibition was attended by

Согласно Постановлению уважаемого Президента, в Музее изобразительных искусств Туркменистана по случаю Праздника туркменского алабая успешно прошла выставка работ, скульпторов, ковроделов, ювелиров, фотографов, работников издательств, телеоператоров представленных на конкурс по художественному изображению красоты и образа туркменских алабаев в произведениях художественного и декоративно-прикладного искусства, издательской продукции, фотоизображениях, на телеканалах. Выставку посетили профессорско-преподавательский состав высших



professor-mugallymlary, talyp ýaşlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, sungaty öwrenijiler gatnaşdylar. Hüşgärligi, çydamlylygy, wepalylygy, duýgurlygy bilen tapawutlanýan türkmen alabaýlary bu gün milli gymmatlygymyz derejesinde sarpalanýar. Türkmen alabaýlarynyň arasynda geçirilýän bäsleşikler bolsa olaryň aýratynlyklaryny açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. Wepadarlygy bilen ynsanlaryň hemişelik hemrasyna öwrülen türkmen alabaýynyň

university professors and lecturers, students, media representatives and art researchers. Turkmen Alabays, notable for their vigilance, endurance, loyalty and sensitivity, are revered as our national treasure. And the competitions held among Turkmen Alabays present an opportunity to reveal all the characteristics of this breed. The entries in the competition, held in the country in honour of the Turkmen alabay, a faithful human companion, are not inferior to each other in their artistry and beauty. The harmonious depiction of the colourful national designs and the image of Turkmen alabay in the works of carpet weaving clearly demonstrates the important role of Turkmen alabay in the life of the Turkmen people. As can be seen from the works in the exhibition, the authors have captured with great skill various moments in the life of Turkmen alabays.

The winners of the arts and crafts competition held on the occasion of the Holiday of Turkmen Alabay dogs in the high-level organisational year "Era of the People with Arkadag" were announced at a gala event on the final day of the

учебных заведений страны, студенческая молодежь, представители средств массовой информации, искусствоведы. Туркменские алабаи, отличающиеся своей бдительностью, выносливостью, верностью, чуткостью, почитаются на уровне нашего национального достояния. Проводимые среди туркменских алабаев конкурсы предоставляют возможность раскрыть все особенности этой породы. Работы, представленные на конкурс, который проводится в стране в честь туркменского алабая, ставшего верным спутником человека, не уступают друг-другу по своей изящности и красоте. Гармоничное изображение колоритных национальных узоров-гёлей и образа туркменского алабая в произведениях ковроткачества наглядно демонстрирует большую роль алабая в жизни туркменского народа. Как видно из произведений представленных на выставке, авторы в своих работах с великим мастерством запечатлели различные моменты из жизни туркменских алабаев.

Победители конкурса декоративно-прикладного искусства, проведенного по случаю Праздника туркменского алабая на высоком организационном уровне в году «Эпоха народа с Аркадагом», были объявлены на торжественном мероприятии в заключительный день празднеств 30 октября, где им

hormatyna ýurdumyzda bellenilýän şanly sene mynasybetli geçirilýän bäsleşige hödürlenen işler çeperçiligi, nepisligi bilen biri-birinden tapawutlandy. Halylarda häzirki wagtda haly gölleri bilen bilelikde türkmen alabaýynyň keşbiniň sazlaşykly dokalmagy, alabaýlaryň türkmen durmuşynda uly orun eýeleýändigini aýdyň görkezýär. Sergi eserlerinden görnüşi ýaly, awtorlar milli gymmatlygymyz bolan türkmen alabaýlarynyň dürli görnüşdäki pursatlaryny öz işlerine sünnäläp siňdirmegi başarypdyrlar.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda uludan bellenilen Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli geçirilen amaly-haşam döredijilik işgärleriniň ýeňijileri uly toýuň jemleýji güni Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli geçirilen dabarada yglan edildi we ýeňijilere hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

**Maýa ORAZOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy.**



great holidays on October 30, where they were presented with valuable gifts on behalf of the esteemed President of Turkmenistan.

**Maya ORAZOVA,**
**Institute of international Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, Senior Instructor.**

были вручены ценные подарки от имени уважаемого Президента Туркменистана.

**Мая ОРАЗОВА,**
**старший преподаватель Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.**

# Türkmen alabaýynyň baýramy 2022














# Uly toýuň jemleýji güni

## The final day of the great holiday

## Заключительный день большого праздника

Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallalary netijesinde häzirki wagtda öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan itşynaslygyň şöhratly milli ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär. Türkmenleriň wepaly dostlaryna bagyşlanan esasy baýramçylyk çäreleriniň hatarynda «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşik aýratyn orny eýeleýär.

Bu köpöwüşginli bäsleşigiň maksady türkmen alabaýlaryny köpeltmek, olaryň arassa ganlylygyny gorap saklamak, dünýäde wagyz etmek bilen baglanyşykly işleriň ylmy esasda kämilleşdirilmegine, milletiň baý medeni mirasynyň aýrylmaz bölegine öwrülen alabaýlaryň bu tohumyna dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmäge gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň toplumynda geçirilen bäsleşigiň jemleýji gününde eminler topary tarapyndan deslapky tapgyrlarda ýokary baha mynasyp bolan

Thanks to the tireless efforts of the Esteemed President, the national principles of the glorious Turkmen dog breeding industry, rooted in the depths of centuries, now find their worthy continuation. Among the main celebrations dedicated to the faithful friends of the Turkmen people, a special role is assigned to the international annual "Valiant Turkmen Alabay of the year" competition.

The aim of this colourful competition is to draw the world's attention to the Turkmen alabays, which have become part of the rich national cultural heritage, to the activities of increasing the population of Turkmen alabays, the preservation of their pure breed, the scientifically based improvement of their global popularization. As it is known, on the last day of the competition, held in the building of the International Association "Turkmen Alabay dogs", the judging committee selected the 10 most worthy alabays to participate in the final round of the competition

Благодаря неустанным заботам уважаемого Президента, в настоящее время национальные принципы славного туркменского собаководства, уходящего корнями вглубь веков, нашли свое достойное продолжение. Среди главных праздничных торжеств, посвященных верным спутникам туркменского народа, особая роль отводится ежегодному Международному конкурсу «Отважный туркменский алабай года».

Целью данного красочного конкурса является привлечение внимания мировой общественности к туркменским алабаям, ставших частью богатого национального культурного наследия, к деятельности по приумножению популяции туркменских алабаев, сохранению их чистокровности, научно обоснованному усовершенствованию их всемирной популяризации. Как известно, в последний день конкурса, проведенного в здании комплекса Международной ассоциации «Туркменские алабаи», из участников предварительных туров конкурса судейская комиссия отобрала 10 наиболее



türkmen alabaýlarynyň10-sy gatnaşdy.

«Ýylyň türkmen edermen alabaýy» adyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň Baş baýragyna mynasyp bolmak ugrundaky jemleýji bäsleşik öz şowhuny bilen toýçy mähellä ruhy lezzet paýlady.

Düzgün boýunça beden gurluşy, daşky keşbi bilen haýran galdyrýan türkmen alabaýlary yzly-yzyna syn ediş meýdançasyna çykaryldy. Alyp baryjy eminler we tomaşaçylar üçin, alabaýlaryň ady, ýaşy, nesil

from the participants of the preliminary rounds.

The final round of the competition for the title of "Valiant Turkmen Alabay of the year" and the main prize of the President of Turkmenistan was very lively and brought much joy to the audience.

According to rules, the Turkmen alabays, thrilling observers with their bodybuilding and graceful appearance, took turns on the viewing platform. The announcer read out the name, age, pedigree and other information about the contestant

достойных алабаев для участия в финальном туре.

Финальный тур конкурса за звание «Отважный туркменский алабай года» и главный приз Президента Туркменистана прошел очень оживленно и доставил много радости собравшимся зрителям.

Согласно правилам конкурса, туркменские алабаи поочередно выходили на смотровую площадку. Ведущий озвучивал для судейской комиссии и зрителей кличку, возраст, родословную и другие сведения об участнике. Необходимо отметить, что алабаи, принимавшие














